# Döwürler we tezhip

Category: Kitapcy,Şekillendiriş we heýkeltaraşlyk sungaty
написано kitapcy | 23 января, 2025
Döwürler we tezhip DÖWÜRLER WE TEZHIP

Bu taryhy süräniň içinde umumylykda alanyňda türkmenleriň galamişi (tezhip) sungaty Seljuk türkmenleriniň döwri, Köneürgenç türkmenleriniň döwri, Eýýuby türkmenleriniň döwri, Memlük türkmenleriniň döwri, Teýmiriler döwri, Garagoýunly we Akgoýunly türkmenleriniň döwri, Osman türkmenleriniň döwri, Sefewi türkmenleriniň döwri we beýleki döwürlere bölüp öwrenilip bilner. Okuw we ýazylyş usulynyň aýratynlyklary boýunça-da öz içinde bölümlere bölünip bilner. Osmanly türkmenleriň döwrüne degişli miniatýuralar başda Stambulda bolmak bilen, soňra Edirne, Bursa, Amasýa, Konýa Bagdat, Mosul hem-de Müsür ýaly merkezlerde çekilipdir. Olaryň çekilen döwürleri bilen baglanyşyklylykda dürli görnüşli tezhip nusgalary hem döredilipdir, eserlerdäki sazlaşyk baýlaşygy we ýaýraw ýaýgynlygy hem ýola goýlupdyr. Olarda altyn ýa-da solagrak näzik reňkler bilen taýýarlanan «Halkar», serpme bilen döredilen «Zerewşan» ýaly usullar hem ulanylypdyr. Biziň döwrümize Osmanly türkmenleriniň döwürlerinden miras galan köpsanly golýazmalardaky tezhip işleriniň müzehhipleriniň ady belli däldir. Şolaryň aglabasy osman soltanynyň «Saraý Nakyşhanasynda» işlän senetçileriň ortaklykda döreden önümleridir.
Anadolyly türkmenleriň galamişi sungatynyň ägirt ussatlarynyň arasynda, XVI asyrda bezegçilik sungatynda uly işleri ýerine ýetiren.
Müzehhip Karamämi, Aly Üsküdary, Abdylla Buhary, Hüsnü Efendi, Müzehhip Baha Efendi (1866-1939), Ysmaýyl Hakky Altynbezär (1873-1966), Muhsin Demiroňat, şu günlerimizde bolsa Rikkat Kunt ýaly kişiler sanalýar.
Bu bezeme sungatynyň migmarlykda binalaryň gümmeziniň içini we diwarlaryny bezemeklikde hem ulanylandygy bellidir. Nagyşlar ilki kagyzyň ýüzüne çyzylyp, soňra bu çyzgylar deşilip kömrüň

külke tozy bilen bezeg ediljek giňişlige silkilipdir ýa-da nagyş gönüden-göni çyzylypdyr. Nagyşlar çotga bilen tapawutly reňklerde boýalypdyr. Ol Anadoly türkmenleriniň migmarlygynda, esasan hem, öý ýaly, köşk we beýleki binalaryň diwarlarynda we ýokarky dawanda derilerde, muşambalarda hem-de tagtalaryň ýüzlerinde işlenipdir. Zamanyň geçmegi bilen peýda bolan usullara kybap gelýän galamişlerinde hem nagyş üýtgeşmeleri bolup geçipdir. Binagärçilikde, binanyň belli bir mekanynyň bogdamlanyp tamamlanmagynda has ýaýgyn ulanylan bezeg bolany üçin, Osman türkmenleriniň nakgaşlary bezemäniň bu mowzugyna örän ünsli ýüzlenipdirler we çynlakaý çemeleşipdirler. Ýöne has soňraky döwürlerde olarda Günbatar bezegçiliginiň täsiriniň artmasy bilen köneden gelýän bu däp bozulypdyr.

K.BAÝRAMOW,
A.ALMÄMMEDOW. Şekillendiriş we heýkeltaraşlyk sungaty